# Halk hazynasyndan

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Halk hazynasyndan

HALK HAZYNASYNDAN

▶ Geplemezlik

Bir patyşanyň ogly hiç geplemändir. Ony gepletmek üçin her zat edip görüpdirler. Onuň üçin barmadyk tebipleri, etmedik emleri galmandyr. Bir gün patyşa:
– Kim oglumy gepletse, islän zadyny berjek – diýip, jar çekdirýär.
Bir garry patyşanyň ýanyna gelip:
– Sen ogluňy awa alyp git – diýip, maslahat berýär.
Patyşa wezir-wekillerini ýygnap, ogluny hem alyp, awa gidýär. Olar awda gezip ýörkäler, birden, bir sülgün "Jagak-jagak" edip seslenýär. Munuň sesini eşiden bir adam ony elindäki taýagy bilen urup alýar. Ony gören geplemezek şa ogly:
– Geplegenden geplemezlik gowrak. Gepledime-de, degdi başyma taýak – diýipdir.

▶ Puluň bolmasa hemme ýerem hezil…

Peleň atly biri Hezil diýen diýen ogluny alyp, Aşgabada saman satmaga gidipdir. Peleň samanyny satyp, boşan saman gaplaryny bugurçysyna ýükläp, öýe gaýtjak bolanda görse, ýanynda Hezil ýok. Ol bazaryň içine aýlanyp ýörşüne:
– Aý, Hezil, Hezil-how. Aý, Hezil-ä, Hezil how – diýip gygyrýarmyş.
Şol wagt onuň gapdalyndan geçip barýanyň biri Peleň aga garap:
– Ýaşuly, näme diýýäň? – diýip soraýar.
– Hezil diýýän…
Onda ol adam:
– Ah, ýaşuly, puluň bolmasa, diňe bazar däl, hemme ýer hezil ahyryn – diýipdir.

▶ Datman galdym

Bir adam nahardan soñ bir ýilikli süñki gemrip oturan eken. Ol elindäki süñküñ bir ujuny deşip, onuñ içindäki ýiligi almak üçin, gaty sorupdyr. Ýilik birden gopup gaýdyp, onuñ agzynda saklanman, göni bogazyna gidipdir. Onda ol adam:
– Wah, hezil edip iýjekdim, datman galaýdym -diýipdir.

Toplan: Orazgylyç ÇARYÝEW.

Halk döredijiligi we rowaýatlar